# Beýik Goýun imperiýasy / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Beýik Goýun imperiýasy / satiriki hekaýa BEÝIK GOÝUN IMPERIÝASY



- **Bu waka öňden ýazylgy duranam bolsa, oýun häzirem dowam edýär…**

Taryhyň bir döwründe möjeklere aw edere ýer galmanmyş diýýärler. Sebäbi haýwanlaryň şasy hasaplanýan ýolbarsdyr gaplaň ýaly güýçli we ýyrtyjy jandarlar dünýäniň iň gowy awlaglaryny öz aralarynda paýlaşyp gutaranmyşlar. Olar möjeklere aw eder ýaly ýer goýmasalar näme. Möjekler hernäçe ýyrtyjy jandaram bolsa, ýolbarlarlardyr gaplaňlarlardan güýji asgyn gelipdir. Şonuň üçinem möjekler ýolbarslaryň, gaplaňlaryň eýelik edýän ýerlerine aýak sekmändirler, ol ýerlerde aw etmäge milt etmändirler.
Ýagdaý şeýle bolansoň olaryň ýaşaýşy kynlaşypdyr, garynlaryny doýurmak hyllalla bolupdyr. Möjeklere bu kynçylykly ýagdaýdan baş alyp çykmak gerekdi. Şonuň üçiem möjekler uly ýygnak geçirdiler. Ýygnakda ýagdaýdan çykalga tapmagyň ýollaryny ara alyp maslahatlaşdylar, jedelleşdiler. Ahyrynda köpi gören ýaşulylaryna sala salmagy makul bildiler. Ýaşuly möjek münbere çykyp şeýle diýipdir:
– Gadyrdan möjek doganlarym, jynsdaşlarym! Ýolbars, gaplaň we şolara meňzeş jandarlar basybalyjydyrlar. Bu uly basybalyjylar dünýäniň ýaşamaga amatly iň gowy ýerlerini özlerine aldylar.

Bir özleri dünýäniñ hojaýyny bolup, biz möjeklere ýerem goýmadylar. Bizem özümize ýaşar ýaly ýeriñ bolanyny gowy görýäris. Emma ýaşamaga boş ýer ýok. Ýogsam bolmasa biz möjeklerem ýyrtyjy, güýçli, üstesine akylly jandarlar ahyry. – Ýaşuly möjek azajyk sägindi. Üsgürip sesini arçanyndan soñ şu teklibi berdi: – Hormatly möjek doganlarym, söýgüli jynsdaşlarym. Hemmämiz birden: «Möjekler, hemmelerden ýokarydyr!» diýip gygyrmagy teklip edýärin.
Bu teklibi ýygnaga gatnaşýan möjekleriñ barsy oñlady. Diñe şol wagt däl, ýygnagyñ geçen gününden soñam wagtal-wagtal, her ýerde-her ýerde üç gezek yzly-yzyna we biragyzdan gygyrmaga başladylar:
«Möjekler, möjekler, hemmelerden ýokary!
Möjekler, möjekler, hemmelerden ýokary!
Möjekler, möjekler, hemmelerden ýokary!»
Bu söz möjekler ordasynyñ baş şygaryna öwrüldi.
Ýaşuly möjek soñra sözüne şeýle dowam etdi:
– Biziñem koloniýalarymyz bolmaly ahyry. Şoñ üçinem şuny teklip edýärin: Goýunlary «Beýik Goýun imperiýasyny» gurmaga ynandyralyñ. Goýunlar öz imperiýalaryny gurmak üçin bir baýra ýygnanarlar welin, biz ol baýryñ daşyny gabarys. Ajygan wagtymyzam tä gerk-gäbe bolup doýýançak goýun iýeris.
Bu teklip möjekler ýygnagynda oñlandy. Teklibi durmuşa geçirmek üçin ýaşuly möjeklerden ýörite topar düzüldi. Topar teklibiñ ýerine ýetirmeli ugurlarynyñ üstünde işledi.
Ýaşuly möjekleriñ biri şeýle diýdi:
– Hemme zatdan ötri olary arkaýyn iýmek üçin bir ýere toplamak gerek.
Başga bir möjegem:
– Örän dogry – diýdi. – Külli janly-jandarlar ýaly goýunlaram howp abananda bir ýere jemlenişýär, üýşýär. Şoñ üçinem bir howp toslap tapalyñ. Goýunlaryñ howp içre gezýändigine ynandyralyñ. Meselem, bu howp Galapintop bolup biler…
Gepe gulak salyp duran möjekler Galapintop howpunyñ nämedigini soradylar.
Ýaşuly möjek bular ýaly zadyñ ýokdugyny, muny özüniñ toslandygyny aýtdy. Hakykatda ýok howpy hakykatda bar bolan

howpdan has eýmendiriji edip gürrüñ berip bolýar. Çünki bar bolan zat barada az ýa-da köp bilinýär. Emma ýok zat barada hiç kim hiç zat bilenok.
Möjekler goýunlara Galapintop howpunyñ ýakynlap gelýändigini aýtmalydy. Bu aldym-berdimli howpa garşy möjekleriñ hemişe we hemme ýerde goýunlaryñ arkasynda durjakdyklaryny mälim etmelidi.
Teklip biragyzdan kabul edildi. Soñra başga bir ýaşuly möjek söz sözledi:
– Goýunlary birleşdirmek, bir ýere jemlemek üçin uly howpuñ garşysynda durandyklaryny aýdyp, olary aldamak diýseñ ýerlikli. Ýöne bu ýeterlik däl. Olary örän beýik maksatly ideýa ynandyrmak gerek. Bu ideýa hiç mahal amala aşmajak, hyýaly, süýji düýş mysaly bir zat bolmalydyr.
Muny aýdan möjege beýleki möjekler:
– Nähili ideýa tapyp bersekkä goýunlara, olaram muny hakykat ýüzüne geçireris öýdüp, şol ugra bakan süri-süri bolup gider ýaly? – diýdiler.
Ýaşuly möjek soraga şeýle jogap berdi:
– Olara «Beýik Goyun imperiýasynyñ» gerekdigini aýdarys. Bu ideýanyñ ady «Goyunçylyk» ideýasy bolar.
Karary gurultaýda kabul edilen badyna ýerine ýetirmäge girişdiler. Möjekler goýunlaryñ arasyndan iñ bähbitçillerini, iñ egoistlerini, iñ akmaklaryny gözläp tapdylar. Olara şepelik etdiler. Möjeklere ýakyn durýan goýunlara berim hökmünde iñ gowy öri meýdanlary, otly-suwly ýerleri görkezýärdiler. Ine, şeýdip goýunlaryñ arasynda «goýunçylyk» akymy ýaýrap başlady. Goýunçylyk akymyna degişli kitap bary ýazyldy. Şol kitaplaryñ birinde şeýle sözler bardy: «Biz goýunlar, başga haýwanlaryñ barsyndan öñdediris. Ýolbarsyñ, gaplañyñ tüýi derege ýaraýan däldir, a biziñ ýüñümizden bolsa mata dokalýar. Hatda biziñ pohymyzam peýdalydyr, ol dökün hökmünde ulanylýar. Emma ýolbarsyñ, gaplañyñ pohy bu owadan dünýäni hapalamakdan başga nämä ýaraýar? Biz goýunlara taý geljek haýwan ýokdur. Şonuñ üçinem bize Beýik Goýunlar imperiýasyny gurmak gerek. Bu beýik imperiýany gurmak üçinem goýunçylyk ideýasynyñ daşynda birleşmelidiris. Duşmanymyza garşy agzybir bolmaly. Ýok bolsun

Galapintop! Biz hökman Beýik Goýun imperiýasyny gurmalydyrys. Sümme tokaýlar, çaýyrly-çemenli meýdanlar biziňki bolar. Galapintopyň kellesini mynjyradarys..»
Möjekler şular ýaly pikirler üçin goýunlary goldaýardylar, olara ellerinden gelen kömegi edýärdiler. Bu goldawyň netijesinde käbir goýunlar şeýle pikire gelip başlapdyrlar:
«Biz möjekleri ýalňyş tanapdyrys… Eýsem möjekler şeýlekin ýagşy gylykly, nähili hoşniýetli jandarlar eken. Möjekler biziň dostumyzdyr.»
Möjekler has tejribeli, has dana, has guramaçylykly bolandygy üçin goýunlara ýörite hünärmenleri, maslahatçylary ugradyp durupdyrlar. Maslahatçy möjekler goýunlara ugur-ýol salgy beripdir, öwüt-ündew edipdir.
Möjekler bulardan başga-da goýunlaryň arasyna öz jansyzlaryny ugradyp başlapdyr. Bu jansyzlar goýun derisine giren möjeklerdi. Olara gowy tälim berlensoň, edil goýun ýaly mäläbem bilýärdiler. Goýunlar bu jansyzlary özleri ýaly goýundyr öýdüpdir. Jansyzlar her bir sözüne «Hemme wagtdakysyndan has agzybirlige we jebislige zerurlyk duýulýan şu döwürde» diýip başlap, goýunlary agzybirlige çagyrypdyrlar.
Goýunlaryň arasynda ýaýran «beýik goýun imperiýasy» ideýasy bir goýun sürüsinden başga bir goýun sürüsine çaltlyk bilen ýaýraýardy. Ähli goýun sürüleri duşman Galapintopa garşy birleşmek isleýärdi. Olar öňi-ardy görünmeýän çaýyrly-çemenli öri meýdanlarynyň ýerleşen Beýik Goýun imperiýasyny arzuwlaýardylar. Goýun sürüleriniň barsy birigip ol ýere eňjekdiler we özlerine päsgel berjek bolýan duşmanlary Galapintopy ýok etjekdiler.
Möjekleriň tapan toslamasyna ynanypdyr diýip möjekleriň barsyny akmaklykda aýyplamak ýalňyş bolar. Olaryň arasynda akylly goýunlaram bar eken. Bular Galapintop diýen duşmanyň ýokdugyny, bu «duşman howpunyň» möjekleriň toslan zadydygyny, olaryň bar maksadynyň toslama howp döredip, hakyky howpuň özleridigini göze ilmez ýaly bukmakdygyny aýdyp, jynsdaşlaryny oýarmaga jan etdiler. Munuň bilenem çäklenmediler. Beýik Goýun imperiýasynyň boş hyýaldygyny-da düşündirdiler. Şol hyýaly «imperiýada» otly-suwly, çaýyrly-çemenli meýdanlarda

agynanlarynda hamlarynyñ sypyryljakdygyny we aç gurtlara şam boljakdygyny aýtdylar. Öñdengörüji goýunlaryñ bu duýduryşlary hiç netije bermedi. Sebäbi Galapintop duşmanyna garşy birleşmek, bir ýere üýşmek, Beýik Goýun imperiýasyny gurmak pikiri giñden ýaýylypdy. Muña garşylyklaýyn pikirini aýdýanlara dönük we «goýun duşmany» gözi bilen seredilýärdi. Beýik Goýun imperiýasyñ çaýyrly-çemenli meýdanlary gyşyñ añzagynda-da, garyñ astynda-da göm-gök öwsüp durýardy. Ol ýer durşuna jennetdi – goýunlaryñ jenneti…
Beýik Goýun imperiýasyny gurmak üçin alnyp barylýan işler barha güýjedi. Duşman Galapintopy ýeñmek üçin goýunlaryñ goşun birikmeleri döredildi. Goýunlar indi birmahalkysy ýaly goýun şekilli goýun bolup hereket etmeýärdi, özlerini möjek kimin alyp barýardylar. Öñküsi ýaly goýun bolup mälejek bolýanam ýokdy, uludan-kiçisi möjek bolup uwlajak bolýardy.
Bu işleriñ netijesinde aýgytly taryhy gün hem alkymlap geldi. Sürüden sürä habar ugradyldy we dünýäniñ çar künjündäki goýun sürüleri ganym duşman Galapintopy ýok etmek hem-de Beýik Goýun imperiýasyny gurmak, bir ýere üýşmek üçin aýaga galdylar.
Ýöriş örän agyr geçdi. Goýunlaryñ barsy maslahatçy möjekleriñ salgy beren uzyn we giñ deresinde ýygnandylar. Ýygnanlaryñ biriniñem agzy duranokdy:
– Ýok bolsun Galapintop…
– Hemme wagtdakysyndan has agzybirlige we jebislige zerurlyk duýulýan şular ýaly günde…
– Beýik Goýun imperiýasyny gurjakdyrys!
Ähli aç möjekler deräniñ uzaboýyna jemlenen goýunlaryñ daş-töweregini gurşap alypdylar. Möjekler goýunlary añsatlyk bilen parçalap, bogup iýýärdiler. Çünki indi goýunlaryñ ýanynda ne-hä çopanlary bardy, ne-de olary goraýan itleri bardy. Goýunlar hakyky howpuñ nirden gelendigine, hakyky duşmanyñ kimdigine, nähili aldawa düşendiklerine akyl ýetirdiler, emma indi iş işden geçipdi. Goýunlaryñ akmaklygy sebäpli şondan soñ möjekleriñem ýaşaýan ýeri, koloniýasy döräpdi. Indi möjekleriñem agalyk sürýän ýerleri bardy.
Bu ýalan pyrryldaga ynanmadyk, bu duzaga düşmedik käbir akylly goýunlar o taýda-bu taýda gizlenip galypdylar. Olar goýun

jynsyny täzeden emele getirdiler. Eger şolar bolmadyk bolsa, goýun diýlen jandar dolulygyna ýok bolup gitmelidi.
Goýunlaryñ taryhynda şu gürrüñ berlen waka ýazylgy duranam bolsa, möjekleriñ bu aldawçylykly oýny dünýäde häzirem dowam edip gelýär. Çünki hernäçe gynansagam, dünýäde häzirem goýunlaryñ arasynda-da, başga jandarlaryñ arasynda-da, bähbitçiller, akmaklar we pes gylyklylar az däl.

Eziz NESIN.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar